# Gurbanlygyñ hökümi we edepleri.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine, sahabalaryna we onuñ ýoluna boýun bolanlara salat we salam bolsun.

Gurban baýram güni we gurbanlyk günlerinde, Allah Tagala ýakynlaşmak üçin kesilen düýe, sygyr, goýun we geçä arapça Udhiýe/Gurbanlyk diýilýär.

Udhiýe (gurbanlyk): Kitap, Sünnet we ijma bilen sabit bolup, Yslamyñ iñ uly şygarlaryndan biridir.

Allah Tagala aýatda şeýle diýendir: **“Robbiñ üçin namaz kyl we gurban kes (damak çal)”** [1]

Sahyh rowaýatda: **“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem iki sany gara menekli ak goçy gurbanlyk etdi. Olary bismilläh we tekbir aýdyp, aýagy bilen gapdalyna basyp öz eli bilen damagyny çaldy.”** [2]

**1-Gurban kesmegiñ hökümi:**

Güýji ýetýän her bir musulmana gurbanlyk kesmek wäjipdir.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýendir: **“Ýagdaýy bolup gurbanlyk kesmeýän kişi, biziñ namaz okaýan ýerimize ýakynlaşmasyn (gelmesin).”** [3]

El-Wäkyät atly eserde şeýle diýilendir: **On dirhem berip gurbanlyk mal satyn almak, müñ dirhemi sadaka bermekden has haýyrlydyr (sogaplydyr). Çünki (gurban baýramynda) gan akydyp amala aşyrylan ybadat, sadaka bermek bilen ýeri doldurulmaz.** [4]

Gurban kesmegiñ ýerine et satyn almak ýa-da gurbanlyk malynyñ bahasyndan has köp pulyñ sadaka berilmegi, gurbanlygyñ ýerini tutmaz we gurbanlyk hasaplanmaz.

## 2-Gurbanlyk ediljek malda bolmaly şertler:

1-Gurbanlyk ediljek mallar şerigatyñ rugsat beren jynsyndan bolmaly. Olar düýe we sygyr jynsyndan uly baş mallar we dowar jynsyndan goýun we geçi ýaly ownuk baş mallardyr.

2-Gurbanlyk ediljek mallary şerigatyñ goýan ýaşlaryny dolduran bolmaly.

Gurbanlyk mallaryñ ýaşlary:

Düýe bäş (5) ýaş,

Sygyr iki (2) ýaş,

Geçi bir (1) ýaş,

Goýun alty (6) aý.

3-Gurbanlyk ediljek malda aşakdaky kemçilikden biri tapylsa, ondan gurbanlyk bolmaz.

Bu nogsanlar dörtdir:

1-Kör,

2-Hassa,

3-Agsak,

4-Süňkleri görünjek derejede hor.

**4-Gurbanlygyň şerigatyň goýan wagtlarynda kesilmegi.**

Gurban kesmegiň wagty baýram namazyndan soňra başlaýar. Teşrik gününiň soňky güni baýramyň dördünji güni, gün batýança dowam edýär.

Bellik: Türkmenistanda köp ýerlerde gurban baýramyň ilkinji güni, baýram namazy kylynmazdan öň, gün dogandan gurban kesilýär. Baýram namazy kylynmadan kesilen mallar yslamda gurbanlyk hasap edilmez we oňa gurbanlyk sogaby ýokdur. Ol diňe eti iýmek üçin kesilen mal ýalydyr.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bu barada şeýle diýendir: **"Kim gurbanlygy (baýram) namazdan öň kesse, onuň kesen maly diňe maşgalasyna iýmek üçin (kesilen etden) ybaratdyr, gurbanlyk bilen baglanşygy ýokdur."** [5]

**3-Gurbanlyk edilmegi Mekruh bolan mallar:**

-Gulagy we şahynyň ýarysy ýa-da ýarysyndan köprägi kesik bolan mallar.

-Gulagy öň ýa-da arka tarapyndan inine ýa-da boýuna ýyrtylan mallar.

-Guýrugynyň ýarysy ýa-da ýarysyndan köprägi kesik bolan mallar.

-Zekeri (jynsy organy) kesilen ýa-da başga bir sebäpden ýok bolan mallar.

-Käbir dişleri dökülen mallar.

**4-Gurbanlyk mallaryň iň sogaplysy:**

Gurbanlyk mallaryň içinde iň sogaplysy düýe soňra sygyr soňra goýun soňra geçi soňra düýäniň ýedi-de biri soňra sygyryň ýedi-de biridir.

Sypat taýdan iň sogaplysy semiz, agzalary we görnüşi nogsansyz, aýypsyz bolanydyr.

**5-Bir gurbanlyk mal näçe kişä ýetýär:**

Ownuk başly mallardan birini gurbanlyk etmek, bir kişä we onuň maşgalasyna ýeterlidir.

Uly mallaryň ýedi-de biri, bir kişä we onuň maşgalasyna ýeterlidir. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiň sünnetinde hojalygyň sanlary köp bolsada, bir hojalyga bir gurbanlyk ýeterlikdir.

Bellik: Düýe we sygyr ýaly mallarda ýedi kişä çenli şärik bolsa bolýar. Ýediden köp bolsa, bolmaýar. Ýediden az bolup, paýlaşsalar bolýar. Emma ýedi kişiniň hemmesiniň niýeti Allahyň razylygy üçin gurbanlyk kesmek bolmaly. Altysy gurbanlyk üçin bolup, biri ýöne et üçin kesse bolýan däldir.

Jabir radiallahu anhyň rowaýatynda: **"Pygamber aleýhis salam bilen bilelikde Hudeýbiýede bir düýä ýedi kişi we bir sygyra ýedi kişi (şärik bolup) gurbanlyk etdik."** [6]

**6-Gurbanlygyň etini näme etmeli:**

Gurbanlyk kesen kişiniň etden özi üçin aýyrmagy, sowgat etmegi we sadaka bermegi rugsatdyr.

Allah Tagala aýatda: **"Olardan hem özüňiz iýiň we eklenji peslere, garyplara iýdiriň."** [7]

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem gurbanlyk barada: **"Iýiň, iýdiriň we özüňiz üçin alyp goýuň."** [8]

Başga hadysda: **"Özüňiz iýiň, alyp goýuň we sadaka beriň."** [9]

Gurbanlyk etiniň näçe böleginiň sadaka ýa-da sowgat edilip, näçe böleginiň gurban keseniň özi üçin alynjagy barada çäklendirme ýokdur. Mynasyp bolany üçde biriniň iýilmegi,üçde biriniň sowgat edilmegi, üçde biriniň sadaka edilmegidir.

Gurbanlygyň etini, derisini ýa-da başga agzasyny satmak ýa-da damak çalan kişi üçin töleg kököminde bermek bolýan

däldir.

**7-Gurbanlyk kesjek kişiniñ etmeli däl zatlary:**

Gurbanlyk kesjek kişi Zilhijje aýynyñ başlamagy bilen gurbanlyk kesýänçä, dyrnaklaryny, saçlaryny we bedeniniñ başga ýerlerinden tüýlerini kesmegi bolýan däldir.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýendir: **“Sizden biri gurbanlyk kesmäge niýet etse, Zilhijje aýy görünenden (Zilhijje aýy girenden) saçlaryny we dyrnaklaryny almasyn.”** (Gurban kesýänçä dyrnaklaryndan we saçlaryndan kesmesin) [10]

**8-Damak çalmagyñ şertleri:**

1-Damak çaljak kişi akylly we mümeýýiz (diýeniñe düşünýän) bolmaly. Däliniñ, serhoşyñ we mümeýýiz bolmaýan çaganyñ kesen maly halal däldir.

2-Damak çaljak kişi musulman ýa-da ähli-kitap (ýahudi ýa-da hristian) bolmalydyr.

Bellik: Ähli-Kitapdan başgalaryñ Müşrikleriñ, Mürtedleriñ kesen mallary halal däldir.

3-Allah Tagala üçin damak çalynmalydyr. Allahdan başga zatlaryñ öwliýäñ, gabyryñ ýoluna diýilmeli däldir.

4-Gurbanlyk mal diñe Allahyñ ady bilen kesilmelidir.

5-Damak çalynanda Allahyñ adyny zikr edip, bismilläh diýilmelidir.

Çünki Allah Tagala aýatda: **“(Kesilende) Allahyñ ady zikr edilmedik (mallardan) iýmäñ! Çünki ol fyskdyr.”** [11]

6-Damak çalynanda demir, daş we aýna ýaly zatlaryñ jynsyndan bolan, gan akytjak kesiji we ýiti esbap ullanmalydyr. (Mysal: Pyçak)

7-Damak çalynanda gan akytmaly.

Gan akytmak boýundaky iki sany jan damary kesmek bilen mümkin bolar.

**9-Damak çalmagyñ edebi:**

1-Janlyny keseñde kybla bakmaly.

2-Keseñde gowy edip kesmeli.

-Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **“Allah her zady gowy etmegi buýrandyr. Öldürseñiz gözel şekilde öldüriñ, damak çalañyzda gowy çalyñ. Sizden biri pyçagyny ýiteltsin, janlyny rahatlatsyn (kösemesin).”** [12]

3-Düýäni dik duruzyp çep aýagyny baglamaly, beýleki mallary çep tarapyna ýatyryp kesilmeli. Janlyny saklamak üçin aýagyñ bilen boýnuna basmak sünnetdir. Janlynyñ üstünde oturmak we aýaklaryny dañmagyñ sünnetde asly ýokdur.

4-Iki jan damary bilen howa ýoly we bogazy kesilmelidir.

5-Pyçak yitilenende janlydan gizlenmeli.

6-Damak çalnanda Bismillähdan soñra Allahu ekber diýip, tekbir hem aýdylmaly.

7-Kesilenden soñra:

**Allahumme minke we leke Allahumme tekobbel minniý.** Terjimesi: Allahym sendendir we sañadyr. Allahym menden kabul et, diýilmelidir.

**10-Damak çalmagyñ haram we mekruhlary:**

1-Kütek pyçak ullanmak.

2-Damak çalynanda dyrnak, diş we süñkden ýasalan gurallar ullanmak. (Mysal üçin ýyrtyjy haýwan dyrnagy ýa-da dişi)

3-Pyçagy janlynyñ gözüniñ öñünde ýitilemek.

4-Janlyny başga malyñ öñünde kesmek.

5-Damak çalynanda malyñ jany doly çykmanka, boýnuny döwmek, derisini ýüzmek ýa-da agzalaryny kesmek ýaly janla ezýet berjek zatlary etmek.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine, sahabalaryna we onuñ ýoluna boýun bolanlara salat we salam bolsun.

1-*Kewser, 108/2.*

2-*Buhari we Muslim.*

3-*Ahmed, Ibn Mäje.*

4-*el-Fikhu'l-Hanefiýýu we Edilletuhu, Es'ad Muhammed Said es-Sagyrji.*

5-*Buhari, Muslim.*

6-*Muslim, Ebu Dawud, Tirmizi.*

7-*Haj,22/28.*

8-*Buhari.*

9-*Muslim.*

10-*Muslim.*

11-*Enam, 6/121.*

12-*Muslim.*